# Namysly bolmak kyn ekeni!..

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Namysly bolmak kyn ekeni!.. NAMYSLY BOLMAK NENEÑSI KYN, NENEÑSI BAGYŞLANMAJAK ETMIŞ BOLSA NÄME!

Mertebäñi ýitirmän ar-namysyňa eýe bolup ýaşamak ýaman kyn zat eken-ä! Bir gün nemesleriň köwşüni ýalap, ertesi gün iňlisleriň boýnuna bökýän, ýene ertesi günem amerikanlara telpegini çykaryp baş egýän şejeresizler ýaly boljak bolmadyk. Ýalňyz we ýalňyz, diňe, bir halkyň öňünde seždä egildik. Olam öz jepakeş halkymyzdyr.
Megerem, eden günämiz gaty çökder bolmaly! Kanuny ýa bikanun gysyşlaryň astynda owlup-owlup şykgy palçyga döndük.
Şu günüň eli işli-sözi güýçli adamlary ýaly kisämizi doldurmadyk, wezipäň yşkyna düşmedik. Ýurduň içindäki we daşyndaky banklara pul basmadyk, kaşaň jaýlaryň eýesi bolup, sagdan-çepden urup halky gysyp-gowurmagyň emellerine düşmedik. Ähli dawamyzda özümiz üçin jinnek ýaly zat islemedik. Diňe we diňe bu ýurduň bar agramyny egninde göterýän millionlarça adamyň derdine derman bolup biläýjek ýollary gözlejek bolduk.
Bu ne agyr günä eken-ow! Ýoldan geçseň ýürek bulaýjy oýnatgylar yzymyzdan gygyrjak bolşup durlar: «Görýäňmi şu haýyny! Namyslysyranam bolýar sadagaň bolaýyn, keýpimize sogan dograýanyny az görýän ýaly…»
Ogurlaman, çilmän – bize çörek berenleri aç, bizi geýdirenleri ýalaňaç goýman ýaşamak şolar ýaly kyn, şolar ýaly hupbatly, hatda şolar ýaly howply bolmalydymy?
Namysyňy ýitirmän ýaşamak kyn eken, meger! Janyna berekella, bu kynçylyklara döz gelip başarýan bu milletem şolar ýaly namysly bolmaly.

Sabahatdin ALY. Edebi makalalar